***Döwlet Baştutanymyz milli ykdysadyýetimiziň ähli ulgamlaryna halkara ülňülere laýyk gelýän sanly ulgamy we maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň täze gazananlaryny yzygiderli ornaşdyrmak işleriniň amala aşyrylýandygyny nazarda tutup, bu ulgamlaryň kiberhowpsuzlygyny üpjün etmek boýunça utgaşykly işleriň alnyp barylmalydygyny nygtaýar. Şunuň bilen baglylykda, kiberhowpsuzlyk ulgamynyň işini yzygiderli döwrebaplaşdyrmak meselelerine möhüm ähmiýet berilýär.***

Kiberhowpsuzlyk maglumat ulgamlaryny, torlary we programmalary sanly hüjümlerden goramak bilen bagly düşünjedir. Häzirki wagtda Sanly ulgam merkezinde ýurdumyzyň ministrliklerinde we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynda hem-de olaryň garamagyndaky düzümlerde, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynda maglumat-aragatnaşyk ulgamlarynyň kiberhowpsuzlygyny üpjün etmäge gönükdirilen işler giň gerimde alnyp barylýar.

Käte kiberhowpsuzlyga kompýuter howpsuzlygy hem diýilýär. Ol kompýuterleri, serwerleri, ykjam enjamlary, elektron ulgamlary, torlary we maglumatlary zyýanly hüjümlerden goramak üçin usullaryň we tejribeleriň toplumydyr. Kiberhowpsuzlygyň seljermesi üçin esasy düşünje «kibergiňişlik» düşünjesi bolup durýar. Maglumat howpsuzlygy maglumatlaryň goraglylygyny, kiberhowpsuzlyk bolsa şol maglumatlaryň ýerleşen sanly ulgamynyň goraglylygyny aňladýar. Şol sebäpli hem olar bir-biri bilen utgaşykly üpjün edilýär.

Maglumatlar asyrynda täze tehnologiýalar, elektron hyzmatlar jemgyýetiň gündelik durmuşynyň aýrylmaz bölegine öwrüldi. Türkmenistanlylar üçin aragatnaşygyň barha täze hyzmatlarynyň hödürlenilmegine aýratyn üns berlip, düýpli programmalaýyn önümleri döretmek we goldamak ulgamynda ýaş hünärmenleriň taýýarlygyna aýratyn ähmiýet berilýär. Munuň üçin ähli şertleri döredip berýän, ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti ösdürmek boýunça ägirt uly işleriň başynda duran Milli Liderimize hem-de hormatly Prezidentimize alkyşlarymyz bimöçberdir.

**Merdan REJEPDURDYÝEW,**
**Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň institutynyň Hukuk fakultetiniň 4-nji ýyl talyby.**

Все права защищены